**Maýagözel BABAÝEWA,**
**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň Zähmet gory we iş üpjünçilik müdirliginiň baş hünärmeni, ykdysady ylymlaryň kandidaty.**

## *Ilkinji aýyň jemleri:* BEDEW BATLY ÖSÜŞLER BILEN

*Her ýylyň şygaryny ýurdumyzyň belent maksatlarydyr wezipelerinden ugur alyp atlandyrmak asylly däbe öwrüldi. 2026-njy ýylyň şygarynyň bedew bilen baglanyşykly bolmagynda uly many bar. «Irden turup atańy gör, atańdan soň atyňy», «Atań barka dost gazan, atyň barka ýol gazan», «At – ýigidiň myrady», «Düýäň dabany uly, atyň ady», «At basyşyndan belli, är - bakyşyndan» ýaly atalar sözleri halkymyzyň durmuşynda, hakydasynda behişdi bedewiň eýeleýän aýratyn ornundan habar berýär. Türkmenlerde at öňegidişligiň, döwletliligiň, ýyndamlygyň we üstünligiň nyşany hasaplanýar. Ýylyň şygary şu ýylyň hem bedew batly ösüşlere eýe boljakdygyna ynamy berkidýär. Ösüşiň täze menzillerini nazarlamaga ruhlandyryjy güýç bolup hyzmat edýän bu şygar her birimiziň eziz Watanymyzyň halkara at-abraýyna, bagtyýar döwrümize buýsanjymyzy artdyrýar.*

Ýanwar aýynda durmuş-ykdysady ösüşimizde gazanylan oňyn netijeler, hakykatdan-da, ösüşiň bedew badyndan habar berýär. 6-njy fewralda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde "Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany" ýylynyň ýanwar aýynda ýerine ýetirilen işlere seljerme berlip, öňde duran wezipeler kesgitlenildi. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, ýanwar aýynda jemi içerki önümiň ösüşiniň 6,3 göterime deň bolmagy milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň sazlaşykly we durnukly ösüşiniň üpjün edilýändigine şaýatlyk edýär.

Hasabat döwründe ösüş depgininiň gurluşykda 6 göterime, söwdada 8,2 göterime, oba hojalygynda 2 göterime deň bolmagy binýady berkden tutulan özgertmeleriň üstünliklere beslenýändigini görkezýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde senagat we hyzmat ediş pudaklarynyň ýokary depginler bilen ösmegi islendik ýurt üçin kanunalaýyk ýagdaýlaryň biridir. Dünýä tejribesiniň şaýatlyk etmegine görä, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy we işgärleriň pudaklar boýunça gaýtadan paýlanylmagy bazar güýçleriniň täsiri astynda bolup geçen ýagdaýynda milli ykdysadyýetiň mundan beýläk-de öňe ilerlemegine ýardam berýär. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, hasabat döwründe senagat pudagynda 2 göterim we hyzmatlar ulgamynda 8,5 göterim ösüş depgininiň gazanylmagy sagdyn ykdysady ösüşiň üpjün edilýändigine şaýatlyk edýär.

Bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen döwlet syýasatynyň çäklerinde maýa goýumlar babatynda alnyp barylýan işler uly ähmiýete eýedir. Maýa goýumlar syýasatynyň ýokary işjeňlik derejesiniň gazanylmagy diňe ykdysadyýetiň güýçli depginler bilen ösmegine ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, zähmet bazarynda ilatyň iş bilen üpjünçilik meselesiniň oňyn çözülmegine

hem ýardam berýär. Maliýeleşdirmegiň ähli serişdeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 21,3 göterim ýokarlandy. Bu görkeziji maýa goýumlaryň esasy ugurlarynyň dogry kesgitlenilendigine, hususan-da, olary milli ykdysadyýetimiziň strategik ähmiýetli pudaklarynyň ösdürilmegine gönükdirilendigine güwä geçýär.

Mejlisde oba hojalyk, ulag-aragatnaşyk, energetika we gurluşyk pudaklarynda ýokary ösüş depgininiň gazanylandygy barada hem habar berildi. “Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda” gurluşyk, ulag we aragatnaşyk pudaklaryny hem-de nebit-gaz senagatyny ösdürmäge uly möçberde serişdeleri gönükdirmegiň göz öňünde tutulmagy şu ýylda-da ýokary ykdysady netijeleriň gazanyljakdygyna ynamy güýçlendirýär

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Açyk gapylar» syýasatynyň üstünlikli alnyp barylmagy ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen syýasy, ykdysady we medeni-gumanitarynsanperwer ugurlarda halkara hyzmatdaşlygy işjeň ýola goýmaga hem-de ösdürmäge şert döretdi. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda döwrebap ulag infrastrukturasynyň döredilmegi barha ýygjamlaşýan döwletara gatnaşyklary giňeltdi. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň köpugurly amala aşyrylmagy ýurtlary ýakynlaşdyrýan, halklary dostlaşdyrýan ulag gatnawlarynyň artmagyna getirdi. Ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän täze ulag ulgamynyň döredilmegi ulag diplomatiýasyny mundan beýläk-de işjeňleşdirmäge ýardam berýär. Gesen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, şu ýylyň ýanwar aýynda ulag-aragatnaşyk pudagynda 9,3 göterim ösüş gazanylmagy häzirki döwürde ulag pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça alnyp barylýan syýasatyň oňyn netijeleridir. Mejlisde ýollaryň gurluşygyna we saklanylyşyna gözegçiligi güýçlendirmek barada hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklary ykdysady kuwwatymyzy artdyrmakda bu ulgamyň tutýan möhüm ornuny görkezýär.

Ähli̇umumylaşmak hadysasynyň netijesinde dünýä ýurtlarynyň arasyndaky özarabaglylygyň artmagy häzirki döwürde söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşmegine itergi beren sebäpleriň biridir. Dünýä bileleşiginde öz ornuny pugtalandyrmaga çalyşýan islendik döwletiň üstaşyr ulag geçelgelerine gyzyklanmalarynyň artmagy öz-özünden düşnüklidir. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz tarapyndan dowam etdirilýän logistikanyň köpugurly ösüş strategiýasy ýurdumyzda öndürilen ýa-da beýleki ýurtlarda öndürilip, üstaşyr geçirilýän önümleri ýewropaly we aziýaly sarp edijilere ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzda ulag we aragatnaşyk pudagyny ösdürmäge uly ähmiýet berilmegi onuň bitewi ykdysady toplumyň ähli subýektleriniň özarabaglanyşygyny üpjün edýändigi bilen baglanyşyklydyr. Ulag ulgamy ýükleri daşamak we ýolagçylary gatnatmak boýunça halk hojalygynyň isleglerini kanagatlandyrmak bilen, harytlary, önümleri we hyzmatlary öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda baglanyşdyryjy halka bolup hyzmat edýär. Bu ýagdaý pudagyň durmuş-ykdysady ähmiýetiniň ýokarydygyny görkezýär. Maddy pudaklaryň önümlerini daşamak,

olary daşary ýurt bazarlaryna çykarmak, beýleki ýurtlardan ugradylýan ýükleri üstaşyr geçirmek ýaly amallaryň ýerine ýetirilmegi ulag ulgamynyň strategik ähmiýetiniň uludygyndan habar berýär. Türkmen döwletiniň bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge we olaryň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen diwersifikasiýa syýasatynyň durmuşa geçirilmegi bu pudagyň çalt depginlerde ösdürilmegine itergi berdi. Ýurdumyzyň Ýewropa we Aziýa yklymlarynyň çatrygynda, ýagny geografiki taýdan amatly ýerde ýerleşişinden netijeli peýdalanylmagy soňky döwürde bu yklymlaryň döwletleriniň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeň häsiýete eýe bolmagyna, ýük dolanyşygynyň we ýolagçy gatnadylyşynyň möçberiniň artmagyna getirdi. Bu ýagdaý täze halkara ulag geçelgelerini döretmek meselesine halkara gyzyklanmany artdyrdy. Türkmenistanyň amatly geografik ýerleşişiniň ýurdumyz üçin ykdysady taýdan bähbitli taraplary juda uludyr.

Häzirki döwürde gurulýan we gurulmagy meýilleşdirilýän täze ulag taslamalary ýurdumyzyň üstaşyr geçirijilik ukybynyň artmagyna oňyn täsirini ýetirer. Täze ulag ugurlarynyň gurulmagy ykdysady we durmuş taýdan örän bähbitlidir. Iş orunlarynyň, täze ilatly nokatlaryň döredilmegi, ulag infrastrukturasynyň kämilleşdirilmegi we netijede, ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagy pudagyň ykdysady netijeliligini görkezýär.

Energetika ulgamy türkmen ykdysadyýetiniň strategik ähmiýetli möhüm pudaklarynyň biri bolup, häzirki ol ykdysadyýetimiziň dowamly ösüşine saldamly goşandyny goşýar. Ägirt uly nebit we gaz gorlaryna eýe bolan ýurdumyzyň halkara energetika strategiýasynyň esasy maksady durnukly, howpsuz we uzakmöhletleýin esasda köpugurly energetika ulgamyny ösdürmek arkaly dünýä bazarlaryna çykmakdan ybaratdyr. Türkmenistan daşary söwda-ykdysady gatnaşyklarda deňhukuklylyk we özara bähbitlilik ýörelgesinden ugur alýar, ýagny energetiki çig maly eksport edijiler, şeýle-de ony sarp edijiler üçin bähbitli bolmalydyr. Türkmen energiýa geçirijilerini dünýä bazarlaryna çykarmak bilen baglanyşykly taslamalary amala aşyrmak çäresi döwletara we sebitara söwda-ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirýän goşmaça şert hökmünde çykyş edýär. Häzirki bu möhüm ähmiýetli pudagy ösdürmek üçin döwlet tarapyndan düýpli maýa goýumlaryň gönükdirilmegi, ýerli hem-de daşary ýurt maya serişdeleriniň özleşdirilmegi döwrebap önümçilik we durmuş infrastrukturasyny döretmäge, ilaty ýagtylyk, ýylylyk bilen üpjün etmäge, täze iş orunlaryny köpeltmäge, sebitde hem-de onuň çäklerinden daşarda umumy syýasy-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmaga mümkinçilik berer.